# Alysdaky armanym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Alysdaky armanym ALYSDAKY ARMANYM




Saňa söýgim bilen ýylanyp ýörün,
Sowugundan, Blaganyň gar basan,
Mertlik talap edýar, bu ýerler ýarym!
Yşk, iki tarapdan bolmaly hasam.
Maňa howur berýär saňa bolan yşk,

Howa kese çyzyk ýigrimbir weli…
Hat ýazýarka, barmaklarym ýalaňaç,
Üşärdi hindileň, ellikli eli,

Aýralykdan ejizlemez bilýämiň!
Ýüregiň ýüregme düşünüp dursa,
Taryp etseň, bilgil näme bolýanym,
Äleme uçýanym,
Çykýanym Marsa.

Çäklenmedik söýgim, giňdir deňizden,
Baýdak deýin, ruhum belentdir ýarym!
Düýşümde bir demde ýanyňdadyr men,
Huşumda, alysda galan armanym!

Ahmet KURBANORAZOW.

Rossiya, Amur ülkesi, Blagoweşşensk. Goşgular